

# GÜNEŞLI WATAN

## TÄZEÇIL WE ÝOKARY HILLI ELEKTROTEHNIKI ÇÖZGÜTLER

WWW.GUNESLIWATAN.COM

GÜNEŞLI
WATAN



GÜNEŞLI
WATAN

# “GÜNEŞLI WATAN” hojalyk jemgyýeti hakynda

Ýurdumyzyň energetika pudagynyň sazlaşykly kämilleşýän döwründe “Güneşli Watan” hojalyk jemgyýeti degişli ulgamda uly maksatnamalaryň durmuşa geçirilmegine işjeň gatnaşýar. Bu kompaniýa bäsdeşlige ukyplylygy, ussatlylygy we ynamdarlygy bilen tapawutlanyp, energetika ugry boýunça ýola goýulýan hyzmatlaryň dürli görnüşlerini ýerine ýetirýär.

Energetika pudagynyň köpugurly we çylşyrymly inženerçilik ukyplaryny talap edýändigi sebäpli, bu ugurda durnukly kompaniýalaryň örän seýrekdigi mälimdir. Emma “Güneşli Watan” HJ bu pudakda öz mynasyp ornuny saklap gelýär.

2011-nji ýylda düýbi tutulan kompaniýa az salymyň dowamynda baý tejribe toplady. Kompaniýa özüniň täzeçil pikirleri we ýokary hilli işi bilen gysga wagtyň dowamynda müşderileriniň ynamyna girmegi başardy. Gysga wagtyň içinde toplanan baý tejribe bolsa ynanylan ençeme işleri üstünlikli tabşyrmaga itergi berdi.

Dünýäniň öňdebaryjy tehnologiýalaryny gündelik durmuşyň kadalary bilen utgaşdyrmagyň çylşyrymlydygyna düşünýän “Güneşli Watan” HJ-e bolan ynam müşderleriň öňünde barha artýar. Kompaniýa bu uly ynama zähmetsöýer we ussat hünärmenleriniň ýeterlikdigi mynasybetli eýe boldy.

“Güneşli Watan” HJ-niň energetikanyň dürli ugurlary boýunça tejribeli hünärmenleriniň bolmagy müşderiler üçin amatly mümkinçilikleri döredýär. Täzeçil pikirleriň we öňdebaryjy tehnologiýalary gurnama işleriniň ýokary derejede ýerine ýetirilmeginiň örän uly ähmiýeti bardyr. Bu, hususan-da, gurluşyk kompaniýalaryna uly ýardam berýär.

GÜNEŞLI
WATAN











**BIZIŇ MAKSADYMYZ:**
Dünýäniň iň kämil tehnologiýalary bilen gyzyklanmak, olary içgin öwrenmek we ýerine ýetirýän işlerinde bu innowasiýalary ornaşdyrmak arkaly diýarymyzyň energetika pudagynyň has-da kämilleşmegine mynasyp goşant goşmak “Güneşli Watan” HJ-niň baş maksadydyr.

“Güneşli Watan” HJ elektroenergetika pudagy boýunça aşakdaky hyzmatlary hödürleýär:

**Elektroenergiýa we yşyklandyrma**
Meýilleşdirme, taslama we durmuşa geçirme;

**Elektroenergiýany paýlama**
Gurnama wariantlary;

**UPS**
Üznüksiz energoüpjünçilik boýunça çözgütler;

**Generatorlary gurnama işleri**
Ätiýaçlyk elektrik üpjünçilik çeşmesiniň düzülişi;

**Energotygşytlaýjy ulgam**
Energiýany tygşytlamak bilen baglanyşykly netijeli çözgütler;

**Gurluşyk ulgamynda çözgütler**
Dizaýn we gurnama işleri;

**Maglumat aragatnaşyk kabelleri geçirmek**
Mis we optiki süýümli kabeller;

**Elektrogözegçilik we barlag işleri**
Gözegçilik we barlag hyzmatlary;

**Elektrik dizaýn**
Tehniki-inžener çözgütler;




## ÖŇDE GOÝAN MAKSADYMYZ:

Ýokary hünärmençilik ruhunda hyzmat etmek bilen önümçilige täzeçilligi girizmek hem-de elektrogurnama işlerinde ýokary standartlary üpjün etmek maksady bilen “Güneşli Watan” HJ dürli energotaslamalary kämil derejede berjaý edýär. Bu kompaniýa müşderiler bilen uzak möhletleýin işewürlik gatnaşyklaryny saklamak üçin tagalla edýär.



## ELEKTROENERGIÝA

“Güneşli Watan” HJ elektroenergiýa ulgamynda dürli görnüşli hyzmatlary ýerine ýetirýär. Olardan enjam üpjün ediş we elektroenergiýany paýlaýyş hyzmatlary, şeýle hem edil şol tertipde kabul ediş enjamlaryň we şuna meňzeş goşmaça enjamlaryň doly toplumy bilen üpjün edip bilýär. Bu hyzmatlaryň arasyna aşakdaky ulgamlary dahylly edýär: polat turbalar, sinklenen turbalar we PWH turbalar arkaly ýerasty geçişleri (Duct Bank Ulgamy), kabel ternawy, merdiwan ternawy, armirlenen goragly kabel geçirme, paýlaýjy şitleri, esasy paýlaýjy gurluşlary we ýokary woltly elektroenergiýa kabelini geçirme. Biz PUE/WSN standartynyň talaplaryna eýermek maksady bilen, kabel ululyklaryny we görnüşlerini hasaplamak üçin taýýarladygymyz tablissalarymyz arkaly ýerine ýetirip hem-de islendik ulgamda ähli kabelleriň doly sanawynyň göçürmesini çykaryp bilýäris.



## YŞYKLANDYRMA

“Güneşli Watan” HJ energiýa dolandyrylyşy üçin awtomatiki akylly yşyklandyrma ulgamlary, ofis we önümçilik yşyklandyrma ulgamlary boýunça aýratyn çözgütleri üpjün edýär. Olar energiýa dolandyrylyşy ýa-da niyetlenen ýerleri yşyklandyrmak üçin durmuşa geçirilýär. Biz müşderi tarapyndan kompýuter arkaly taslanan CAD formatyndaky çyzgylaryna netijeleri görkezmek maksady bilen 3D-de we reňkli görnüşlerde shemalary we yşyklandyrma hasaplamalaryny taýýarlap, müşderilere görkezip, meýilleşdirip we düzüp ulanyşa girizip bilýäris. Biz müşderä jemleýji shemany görkezip, amatly bolan ulgamy saýlamak mümkinçiligini üpjün etmek maksady bilen, yşyk paýlaýyş we dolandyryş ulgamlaryny, beýleki yşyklandyrma dolandyryş serişdeleri gurnama işleri bilen birleşdirip bermekligi hödürleýäris. “Güneşli Watan” HJ müşderileri ulgam bilen tanyşdyrmak işlerini ýörite döwrebap programmalar arkaly A0 reňkli plotteri bilen taýýarlanan  çyzgylary we yşyklandyrma shemalary arkaly amala aşyrýar.



## ELEKTROENERGIÝANY PAÝLAMA

“Güneşli Watan” HJ elektrik energiýasy bilen üpjün ediş we kabul ediş enjamlaryndan başlap kiçi gerimli paýlaýjy şitleri, kabel gutusyny, kabel ternawyny, kabel geçirme (bir görnüşli kabelleri geçirmekligi şeýle hem FP200 ýaly başga kabeller boýunça ýöriteleşdirilen kabelleri geçirmekligi, mineral izolýasiýaly we polat sim bilen armirlenen goragly kabelleri geçirmekligi) ýaly hyzmatlaryny ýerine ýetirýär. Doly elektrik paýlaýjy ulgamlar bilen bagly kabel ululyklarynyň ählisini, paýlaýjy gurluşlardaky awtomat wyklýuçateliň ululyklaryny we gurnamalaryny şeýle hem yzygiderliligini hasaplamak üçin ýörite tablissalar arkaly amala aşyrýar. Biz shemalarymyzyň takyk we doly düşündirilmegi üçin müşderilerimize AutoCAD formatynda paýlama shematikasyny üpjün edýäris. Mälim bolşy ýaly “Güneşli Watan” HJ elektroenergiýa ulgamlaryndaky özboluşly tejribesini, müňlerçe amper güýjenmeli elektroenergiýa ulgamyndan başlap, pes woltažda işleýän ulgamlarda amala aşyrýan işlerinden görüp bilersiňiz.



## UPS

“Güneşli Watan” HJ esasanda kompýuter zallary, maglumat beriji merkezleri we yzygiderli IT-maglumat tehnologiýalaryny gurnama, ýardam berme ulgamlaryň üstünde işleýär. Biz, bar bolan IT-maglumat tehnologiýalaryny we UPS ulgamlarynyň ölçeglerini müşderiniň talaplaryny takyk beýan etmek maksady bilen, täzeçil we tygşytlaýjy çözgütleri kabul etmekde elektroenergiýa analizatorlaryny ulanýarys. Şeýle hem bu iş ähli ýardam beriji dizaýn hasaplamalary, AutoCAD shemalary, paýlaýjy enjamlary, elektrik energiýasy bilen üpjün ediş we paýlaýyş ulgamlaryny, generator ýardamyny öz içine alyp biler.




## DIZEL, BENZIN WE GAZ GENERATORLARYNY GURNAMA IŞLERI

Ätiýaçlyk elektrik üpjünçilik çeşmesi hökmünde sarp edijiniň kuwwatlylygyna laýyk gerek möçberdäki awtomatlaşdyrylan elektrik stansiýasy (AES) talaplaryny kanagatlandyrmak maksady bilen “Güneşli Watan” HJ öz müşderileri üçin ýönekeý ätiýaçlyk elektrik üpjünçilik toplumlary bilen bir hatarda, dürli kWA kuwwatlygynyň görnüşlerine çenli bolan doly elektroenergiýa ulgamlary shemalaşdyryp we olar bilen üpjün edip bilýär. Muny mehaniki we awtomat üýtgetmeli, UPS ulgamlary bilen birleşdirmekligi maslahat berýär.




## ENERGIÝA DOLANDYRYLYŞY

Müşderileriň arasynda tygşytly energetikadan peýdalanmak islegi örän uludyr. “Güneşli Watan” HJ taslamalarda teklip edilýän ulgamyň nirede ulanýanlygyny anyklap, doly gurluşyk ýer ölçeglerini we elektroenergiýa gözegçiligine seredip, maýa goýumyň meýilleşdirilen wagtdan soňra gaýtarylmagy boýunça hasaplamalar bilen amaly çözgütleri hödürleýär. Şeýle hem ýerlikli ykdysady esaslar bar bolsa, has uzak möhletleýin oňaýly teklipleri berýär. Kompaniýa ulgamyň faz balansyny, kuwwatlyk koeffisiýentini, agram salma we sazlaşyk meselelerini anyklap, çykan netijeleriň esasynda müşderilere çözgütleri teklip etmek, seljermek maksady bilen ýörite tilsimleri ulanýar. “Güneşli Watan” HJ müşderileri üçin tutuş ulgamy çalyşmak bilen baglanyşykly harajatlary tygşytlatmak maksady bilen könelişen ulgamlaryň ýerine ykdysady tarapdan öz-özüni dolandyrýan we täze döwrebap ulgamlary teklip edýär.



## GURLUŞYK ULGAMYNDA ÇÖZGÜTLER

“Güneşli Watan” HJ BMS integratorlary bilen ýakyndan işleşmek babatynda tejribesi bar we köpsanly öndürijileriň ulgamy barada peýdaly amaly maglumatlara eýedir. Biz müşderlerimiz üçin ulgamlary shemalaşdyryp we olaryň talaplaryna laýyk gelýän üpjün edijiniň ulgamyny maslahat berip bilýäris. Şeýle ulgamlar baradaky baý tejribesi arkaly “Güneşli Watan” HJ müşderileriň üpjün edijileriň ulgamlaryny deňeşdirip, anyklap karar almagy üçin mümkinçilikleri döredýär. Dürli ulgam integratorlary bilen işleşmek arkaly biz esasy paýlaýjy gurluşyndan başlap, soňky nokatlara çenli barýan kabelleriň ulgam gözegçiligini saýlamakda baý tejribämiz bardyr. Maglumat-aragatnaşyk gurnama işlerindäki tejribämiz esasynda optiki süýümli aragatnaşyk kabeli geçirmekligi we birikmesini hödürleýäris.



## MAGLUMAT ARAGATNAŞYK KABELLERI GEÇIRMEK

“Güneşli Watan” HJ mis (Cat 5, 5e we 6) kabelleri we optiki süýümli kabelleri öz içine almak bilen habarlaşma ulgamy kabelini geçirmekligiň ähli görnüşleriniň gurnalmagy, birikdirmegi babatynda baý tejribä eýedir we bu boýunça degişli enjamlary ýeterlikdir. Şeýle maglumat aragatnaşyk kabellerini geçirmek bir tarapdan gurluşyk dolandyryş ulgamlaryny öz içine almak bilen, köp sanly infrastruktura gözegçilik serişdelerini dolandyrmak maksady bilen hem gurnalýar.



## ELEKTRIK GÖZEGÇILIGI WE BARLAGY

“Güneşli Watan” HJ tapgyrlaýyn energogözegçilik we barlag işlerini, durnukly kabel geçiriji shemalary, elektrik enjamlary we desgalaryň ýörite barlagyny öz içine almak bilen toplumlaýyn energogözegçilik we barlag hyzmatlaryny hödürleýär. Energogözegçilik we barlag işleri kompanýanyň baý kwalifikasiýaly we tejribeli inženerleri tarapyndan ulgam doly işe goýberilmezden ussatlyk bilen amala aşyrylýar.



## ELEKTRIK DIZAÝN

“Güneşli Watan” HJ müşderilere tehniki-inžener çözgütleri, taslama çyzgylary AutoCAD we beýleki oňaýly kompýuter programmalary bilen hyzmat edýär.



## TÖWEKGELÇILIGE BAHA BERMEK WE IŞLERI DURMUŞA GEÇIRMEGIŇ USULLARY

“Güneşli Watan” HJ tarapyndan boýun alnan ähli işler usulyýet hakynda öňünden tassyklanan beýan bilen bilelikde alnyp barylýar. Bu barada taslamanyň durmuşa geçirilmegine gatnaşýan ähli inženerler habarly edilýär. Mundan başga-da, töwekgelçiliklere baha bermek üçin iki görnüş ulanylar. Muňa hem degişli işgärler çekilýär.

## TÖWEKGELÇILIKLERE TASLAMADAN ÖŇ BAHA BERMEK

Bu resminama usul hakynda beýan bilen bilelikde taslamanyň başlamagyndan ozal tassyklanmak üçin tabşyrylýar we gurnama işleriniň bilinýän töwekgelçilikleri hem-de müşderi tarapyndan ýa-da iş ýeriniň derňewi mahalynda ýüze çykarylan beýleki howplar esasynda düzülýär.

## ÖNÜMÇILIK ÝERINDÄKI TÖWEKGELÇILIKLERE BAHA BERMEK

Bu bolsa, iş ýerindäki işleriň başlan wagtynda ýa-da alnyp barylýan mahalynda ýerine ýetirilýär. Bu ýerde öňünden tassyklanan resminamalarda görkezilmedik goşmaça töwekgelçilikleri ele almak talap edýär.



**Hezreti Omar metjidi**
Aşgabat / Türkmenistan

Gurluşygyň umumy meýdany: 13 400 m²
Işiň görnüşi: Elektrik taslama we Elektrogurnama
Elektrik kuwwaty: 2x1600 kWA, 10 kW
Tamamlanan senesi: 2018 ý.







**Türkmenistanyň Jemagat hojalygy institutynyň binalar we desgalar toplumy**
Aşgabat / Türkmenistan

Gurluşygyň umumy meýdany: 100 000 m²
Işiň görnüşi: Elektrik taslama we Elektrogurnama
Elektrik kuwwaty: 8x1600 kWA, 10 kW
Tamamlanan senesi: 2017 ý.









**Rysgal paýdarlar täjirçilik bankynyň edara binasy, iki sany söwda merkezinden, bir sany 1-nji gaty dükanly 8 gatly 84 öýli döwrebap ýaşaýyş jaýy**
Aşgabat / Türkmenistan

Gurluşygyň umumy meýdany: 45 000 m²
Işiň görnüşi: Elektrik taslama we Elektrogurnama
Elektrik kuwwaty: 2x1600 kWA, 2x1250 kWA, 2x630 kWA, 10 kW
Tamamlanan senesi: 2017 ý.











**Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň täze edara binasy**
Aşgabat / Türkmenistan

Gurluşygyň umumy meýdany: 7 850 m²
Işiň görnüşi: Elektrik taslama we Elektrogurnama
Elektrik kuwwaty: 2x1000 kWA, 10 kW
Tamamlanan senesi: 2016 ý.










**Änew Mebel - mebel önümlerini öndürýän fabrigi**
Änew / Türkmenistan

Gurluşygyň umumy meýdany: 19 800 m²
Işiň görnüşi: Elektrik taslama we Elektrogurnama
Elektrik kuwwaty: 2x1000 kWA, 10 kW
Tamamlanan senesi: 2016 ý.









## Abadan Haly - haly önümlerini öndürýän fabrigi
Aşgabat / Türkmenistan

Gurluşygyň umumy meýdany: 55 000 m²
Işiň görnüşi: Elektrik taslama we Elektrogurnama
Elektrik kuwwaty: 4x2500 kWA, 35 kW
Tamamlanan senesi: 2015 ý.











## Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Köpetdag etrap Polisiýa binasy
Aşgabat / Türkmenistan

Gurluşygyň umumy meýdany: 12 500 m²
Işiň görnüşi: Elektrik taslama we Elektrogurnama
Elektrik kuwwaty: 2x1250 kWA, 10 kW
Tamamlanan senesi: 2015 ý.










## Türkmenistanyň Medeniýet ministrliginiň 12 gatly ýaşaýyş jaý binasy

Aşgabat / Türkmenistan

Gurluşygyň umumy meýdany: 19 750 m²
Işiň görnüşi: Elektrik taslama we Elektrogurnama
Elektrik kuwwaty: 2x1250 kWA, 10 kW
Tamamlanan senesi: 2015 ý.








**Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Gorag müdirligi binasy**
Aşgabat / Türkmenistan

Gurluşygyň umumy meýdany: 12 500 m²
Işiň görnüşi: Elektrik taslama we Elektrogurnama
Elektrik kuwwaty: 2x1250 kWA, 10 kW
Tamamlanan senesi: 2015 ý.









**Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň okuw-tejribe merkezi**
Aşgabat / Türkmenistan

Gurluşygyň umumy meýdany: 19 600 m²
Işiň görnüşi: Elektrik taslama we Elektrogurnama
Elektrik kuwwaty: 2x1000 kWA, 10 kW
Tamamlanan senesi: 2015 ý.







**Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň buzly hokkeý binasy**
Aşgabat / Türkmenistan

Gurluşygyň umumy meýdany: 11 985 m²
Işiň görnüşi: Elektrik taslama we Elektrogurnama
Elektrik kuwwaty: 2x2500 kWA, 10 kW
Tamamlanan senesi: 2014 ý.











**Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň “Işewürlik merkezi”**
Aşgabat / Türkmenistan

Gurluşygyň umumy meýdany: 30 600 m²
Işiň görnüşi: Elektrik taslama we Elektrogurnama
Elektrik kuwwaty: 2x2500 kWA, 2x2000 kWA, 35 kW
Tamamlanan senesi: 2014 ý.












## Türkmenistanyň Daşoguz welaýatynyň köpugurly söwda bazary
Daşoguz / Türkmenistan

Gurluşygyň umumy meýdany: 50 000 m²
Işiň görnüşi: Elektrik taslama we Elektrogurnama
Elektrik kuwwaty: 4x2500 kWA, 10 kW
Tamamlanan senesi: 2014 ý.







**Türkmenistanyň Lebap welaýatynyň köpugurly söwda bazary**
Türkmenabat / Türkmenistan

Gurluşygyň umumy meýdany: 50 000 m²
Işiň görnüşi: Elektrik taslama we Elektrogurnama
Elektrik kuwwaty: 4x2500 kWA, 10 kW
Tamamlanan senesi: 2014 ý.











## 110/10 kW, 25 MWA podstansiýa
Daşoguz / Türkmenistan

Işiň görnüşi: Elektrik taslama we Elektrogurnama
Elektrik kuwwaty: 2x25 MWA, 110 kW
Tamamlanan senesi: 2013 ý.





## Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň düzediş edarasy
Daşoguz / Türkmenistan

Gurluşygyň umumy meýdany: 124 000 m²
Işiň görnüşi: Elektrik taslama we Elektrogurnama
Elektrik kuwwaty: 8x3150 kWA, 6x2500 kWA, 2x160 kWA, 50 kWA, 10 kW
Tamamlanan senesi: 2013 ý.



**Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň karting ýaryşlaryny geçirmek üçin sport toplumy**
Aşgabat / Türkmenistan

Gurluşygyň umumy meýdany: 88 216 m²
Işiň görnüşi: Elektrik taslama we Elektrogurnama
Elektrik kuwwaty: 2x1600 kWA, 10 kW
Tamamlanan senesi: 2013 ý.











**Türkmenistanyň Medeniýet ministrliginiň işgärleri üçin döwrebap ýaşaýyş jaý we medeni-hyzmatly binalar toplumy**
Aşgabat / Türkmenistan

Gurluşygyň umumy meýdany: 130 000 m²
Işiň görnüşi: Elektrik taslama we Elektrogurnama
Elektrik kuwwaty: 6x2000 kWA, 4x1600 kWA, 10 kW
Tamamlanan senesi: 2011 ý.









GÜNEŞLI
WATAN

# SERTIFIKATLAR



TÜRKMENISTANYŇ ENERGETIKA MINISTRLIGI
(Ygtyýarlylandyryjy edaranyň ady)

YGTYÝARNAMA

№ 1-19-20-1515 15.11.2018ý.
(Ygtyýarnama bermek hakynda karar kabul edilen sene)
(27.11.2018ý. senede gaýtadan resmileşdirildi)

"Işiň aýry-aýry görnüşlerini ygtyýarlylandyrmak hakynda" Türkmenistanyň kanunyna laýyklykda

"Güneşli watan" hojalyk jemgyýeti

ýuridik salgysy: Aşgabat şäheri, Bagtyýarlyk etraby, Türkmenistanyň Gahrymany Atamyrat Nyýazow şaýoly, 174 jaýy.

resminamanyň döwlet tarapyndan bellige alnan belgisi we senesi: 26067048, 24.07.2015ý.

hususy salgyt belgisi: 102211003330

şu aşakdakylary amala aşyrmaga hukuk berilýär:

**kody 71.11** bolan 35kW çenli diňe elektrotehniki enjamlaşdyrma degişli taslamalary işläp düzmek we ýerine ýetirmek işleri

Işiň ygtyýarlylandyrylýan görnüşiniň amala aşyrylýan hakyky ýeri (ýerleşişi):

Türkmenistanyň çäklerinde (sargyt edilen ýerine gitmek bilen)

Ygtyýarnamanyň hereket edýän möhleti:

2018ý. 15-nji noýabryndan - 2021ý. 15-nji noýabryna çenli

M.Ý.

Ministr C. Purçekow

Ygtyýarnama __________ çenli uzaldyldy

M.Ý.



TÜRKMENISTANYŇ ENERGETIKA MINISTRLIGI
(Ygtyýarlylandyryjy edaranyň ady)

YGTYÝARNAMA

№ 1-19-20-1588 17.07.2019ý.
(Ygtyýarnama bermek hakynda karar kabul edilen sene)

"Işiň aýry-aýry görnüşlerini ygtyýarlylandyrmak hakynda" Türkmenistanyň kanunyna laýyklykda

"Güneşli watan" hojalyk jemgyýeti

ýuridik salgysy: Aşgabat şäheri, Bagtyýarlyk etraby, Türkmenistanyň Gahrymany Atamyrat Nyýazow şaýoly, 174 jaýy.

resminamanyň döwlet tarapyndan bellige alnan belgisi we senesi: 25488626, 02.04.2019ý.

hususy salgyt belgisi: 102211003330

şu aşakdakylary amala aşyrmaga hukuk berilýär:

**kody 42.22** bolan 35kW çenli uzak aralyklara elektrik toguny geçiriji ugurlary çekmek, şäher elektrik toguny geçiriji ugurlary çekmek işleri
**kody 43.21** bolan 35kW çenli elektrik togy bilen gurnama işleri

Işiň ygtyýarlylandyrylýan görnüşiniň amala aşyrylýan hakyky ýeri (ýerleşişi):

Türkmenistanyň çäklerinde (sargyt edilen ýerine gitmek bilen)

Ygtyýarnamanyň hereket edýän möhleti:

2019ý. 17-nji iýulyndan - 2022ý. 17-nji iýulyna çenli

M.Ý.

Ministr M.Artykow

Ygtyýarnama __________ çenli uzaldyldy

M.Ý.

## Elektrik ulgamy boýunça işleri amala aşyrmaklyga ygtyýarnama üçin işin görnüşleri.

**Kody 71.11 bolan**
35kW çenli diňe elektrotehniki enjamlaşdyrma degişli taslamalary işläp düzmek we ýerine ýetirmek işleri.

## Elektrik ulgamy boýunça işleri amala aşyrmaklyga ygtyýarnama üçin işin görnüşleri.

**Kody 42.22 bolan**
0,4-35kW çenli uzak aralyklara elektrik toguny geçiriji ugurlary çekmek. Şäher elektrik toguny geçiriji ugurlary çekmek.

**Kody 43.21 bolan**
0,4-35kW çenli elektrik togy bilen gurnama işleri.

GÜNEŞLI WATAN

# SERTIFIKATLAR



Türkmenistanyň Senagat we kommunikasiýa ministrligi
(Ygtyýarlylandyryjy edaranyň ady)

YGTYÝARNAMA

№ 1-16-21-010 16.08.2019ý.
(ygtyýarnama bermek hakynda karar kabul edilen senesi)

"Işiň aýry-aýry görnüşlerine ygtyýarlylandyrmak hakynda" Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda
**"Güneşli watan" hojalyk jemgyýeti, Aşgabat şäheriniň Bagtyýarlyk etrabynyň Türkmenistanyň Gahrymany Atamyrat Nyýazow şaýolunyň 174-nji jäýy**
resminamanyň döwlet tarapyndan bellige alnan belgisi we senesi **25488626, 02.04.2019 ý.**
hususy salgyt belgisi **102211003330**
bankyň rekwizitleri: **"Senagat" PTB, h/h 23202934170668715372000**
şu aşakdakylary amala aşyrmaga hukuk berilýär: **Aragatnaşyk babatyndaky işiniň:**

**33.14** şertli belgisinden, "Diňe tehniki hyzmaty, installýasiýa (düzmek, programirlemek we gaýtadan programirlemek), aragatnaşyk ulgamyny, aragatnaşyk geçiriji ugurlaryny, telefon aragatnaşyk serişdelerini, maglumat geçiriji ulgamyny, şeýle-de pudaklaýyn telefon stansiýalaryny gaýtadan dikeldiş işleri", **42.2** şertli belgisi bilen "Diňe aragatnaşyk ulgamynyň, aragatnaşyk geçiriji ugurlarynyň, radioaragatnaşyk serişdeleriniň, telefon aragatnaşygynyň we maglumat geçiriji ulgamyň gurluşygy, olary täzeden dikeltmek we gurnamak işleri", **42.22** şertli belgisinden, "Senagat inženerçilik desgalarynyň gurluşygyny goşmak bilen, diňe aragatnaşyk ulgamynyň aragatnaşyk geçiriji ugurlarynyň, radioaragatnaşyk serişdeleriniň, telefon aragatnaşygynyň we maglumat geçiriji ulgamyň gurluşygy, olary täzeden dikeltmek we gurnamak işleri"**(diňe içki tor), 43.21** şertli belgisinden, "Diňe telearagatnaşyk ulgamyny we radio-telewizion antennalaryny hem-de beýleki aragatnaşyk serişdelerini gurnamak, täzeden dikeltmek, installýasiýa (düzmek, programirlemek we gaýtadan programirlemek) işleri".
Işiň ygtyýarlylandyrylýan görnüşiniň amala aşyrylýan hakyky ýeri (ýerleşişi): **Türkmenistanyň çäginde**
Ygtyýarnamanyň hereket edýän möhleti: **16.08.2019ý.** **16.08.2022ý.** çenli
M. Ýe.
**Ministr T.Dürhanow**
(Ygtyýarlylandyryjy edaranyň ýolbaşçysy) (goly)
Ygtyýarnama ____ ý. "___" ____ çenli uzaldyldy
M. Ýe.
(Ygtyýarlylandyryjy edaranyň ýolbaşçysy) (goly)

## Aragatnaşyk hyzmatlary babatynda işleri amala aşyrmaklyga ygtyýarnama üçin işleriniň görnüşleri.

**Kody 33.14 bolan**
Diňe tehniki hyzmaty, installýasiýa (düzmek, programirlemek we gaýtadan programirlemek), aragatnaşyk ulgamyny, aragatnaşyk geçiriji ugurlaryny, telefon aragatnaşyk serişdelerini, maglumat geçiriji ulgamyny, şeýle-de pudaklaýyn telefon stansiýalaryny gaýtadan dikeldiş işleri.

**Kody 42.2 bolan**
Diňe aragatnaşyk ulgamynyň, aragatnaşyk geçiriji ugurlarynyň, radioaragatnaşyk serişdeleriniň, telefon aragatnaşygynyň we maglumat geçiriji ulgamyň gurluşygy, olary täzeden dikeltmek we gurnamak işleri.

**Kody 42.22 bolan**
Senagat inženerçilik desgalarynyň gurluşygyny goşmak bilen, diňe aragatnaşyk ulgamynyň aragatnaşyk geçiriji ugurlarynyň, radioaragatnaşyk serişdeleriniň, telefon aragatnaşygynyň we maglumat geçiriji ulgamyň gurluşygy, olary täzeden dikeltmek we gurnamak işleri.

**Kody 43.21 bolan**
Diňe telearagatnaşyk ulgamyny we radio-telewizion antennalaryny hem-de beýleki aragatnaşyk serişdelerini gurnamak, täzeden dikeltmek, installýasiýa (düzmek, programirlemek we gaýtadan programirlemek) işleri.



Türkmenistanyň Içeri işler ministrligi

YGTYÝARNAMA

№ 1-15-16-53 2019 ý. "16" awgust
(Ygtyýarnama bermek hakynda karar kabul edilen sene)

"Işiň aýry-aýry görnüşlerini ygtyýarlylandyrmak hakynda" Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda **"Güneşli watan" hojalyk jemgyýeti, hukuk salgysy: Aşgabat şäheri, Bagtyýarlyk etraby, Türkmenistanyň Gahrymany Atamyrat Nyýazow şaýoly, 174 jaý.**
resminamanyň döwlet tarapyndan bellige alnan belgisi we senesi: **25488626 02.04.2019 ý.**
hususy salgyt belgisi: **102211003330**
bankyň rekwizitleri: **"Senagat" PTB H/H:23202934170668715372000**
şu aşakdakylary amala aşyrmaga hukuk berilýär:
**Ýangyn howpsuzlygy babatynda iş**
**33.14.90 şertli belgisinden: "Diňe ýangynyň döräň ýerini anyklaýan we ses duýduryjy (signal) enjamlary hem-de awtomatik ulgamy abatlamak işleri".**
**43.21 şertli belgisinden: "Diňe binalarda we gurluşyk desgalarynda ýangyna garşy awtomatik ulgamy gurnamak işleri".**
**71.11 şertli belgisinden "Diňe ýangynyň döräň ýerini anyklaýan we ses duýduryjy (signal) enjamlary hem-de awtomatik ulgamy taslamalaşdyrmak işleri".**
Işiň ygtyýarlylandyrylýan görnüşiniň amala aşyrylýan hakyky ýeri (ýerleşişi): **33.14.90 we 43.21 şertli belgileri Türkmenistanyň çäginde, 71.11 şertli belgisi Aşgabat şäheriniň Türkmenistanyň Gahrymany Atamyrat Nyýazow şaýoly, 174 jaý.**
Ygtyýarnamanyň hereket edýän möhleti: **2019ý. "16" awgustyndan 2022ý. "16" awgustyna** çenli.
M.Ý.
**Ministriň orunbasary D.Meredow**
Ygtyýarnama ____ ý. "___" ____ çenli uzaldyldy
M.Ý.
Ygtyýarnama ____ ý. "___" ____ çenli uzaldyldy
M.Ý.

## Ýangyn howpsuzlygy babatynda işleri amala aşyrmaklyga ygtyýarnama üçin işin görnüşleri.

**Kody 33.14.90 bolan**
Diňe ýangynyň döräň ýerini anyklaýan we ses duýduryjy (signal) enjamlary hem-de awtomatik ulgamy abatlamak işleri.

**Kody 43.21 bolan**
Diňe binalarda we gurluşyk desgalarynda ýangyna garşy awtomatik ulgamy gurnamak işleri.

**Kody 71.11 bolan**
Diňe ýangynyň döräň ýerini anyklaýan we ses duýduryjy (signal) enjamlary hem-de awtomatik ulgamy taslamalaşdyrmak işleri.

GÜNEŞLI WATAN

# SERTIFIKATLAR



TÜRKMENISTANYŇ MALIÝE WE YKDYSADYÝET MINISTRLIGI

MINISTRY OF FINANCE AND ECONOMY OF TURKMENISTAN

DÖWLET TARAPYNDAN BELLIGE ALMAK HEM-DE TÜRKMENISTANYŇ ÝURIDIK ŞAHSLARYNYŇ ÝEKE-TÄK DÖWLET SANAWYNA GIRIZMEK BARADAKY

ŞAHADATNAMA

CERTIFICATE

OF STATE REGISTRATION AND INSERTING IN THE STATE UNIFIED LEGAL ENTITIES REGISTER OF TURKMENISTAN

Sanaw belgisi: 2 5 4 8 8 6 2 6

Bellige alnan senesi: "02" Aprel 2019 ý.

| GÜNEŞLI WATAN | GUNESHLI WATAN |
|---|---|
| Ady | Name |
| Hojalyk jemgyýeti | Economy society |
| Hukuk guramaçylyk görnüşi | Organizational-legal form |

Berlen senesi: "17" Aprel 2019 ý.

Date of issue: April "17" 2019 y.

Baş hasaba alyjy
Chief registrar

Goly
Signature

Ýagşynazarow.M
Yagshynazarov.M

M.Ý.
L.S.

Şahadatnama Türkmenistanyň ýuridik şahslarynyň ýeke-täk döwlet sanawyndan göçürme bilen görkezilende hakykydyr
Certificate is valid on presentation of statement from The State unified legal entities register of Turkmenistan



GLOBAL REGISTRAR
GRS CERT
SYSTEM CERTIFICATIONS

Certificate Of Registration

GUNESHLI WATAN

GUNESHLI WATAN

ADDRESS : ATAMYRAT NIYAZOV AVENUE, 174 BUILDING, ASHGABAT-TURKMENISTAN

*The above-mentioned company, accord to the ISO 9001:2015 standart and the company's request for the following scope given by GRS CERT international certification and test service*

ISO 9001 : 2015

QUALITY MANAGEMENT SYSTEM

SCOPE OF CERTIFICATION

ELECTRICAL DESIGN ON ELECTRICAL INSTALLATION, ELECTRICAL APPLICATION PROJECT DRAWING, ELECTRICAL INSTALLATION INSTALLATION, ELECTRICAL PANEL DESIGN AND COMMISSIONING, ELECTRICAL DESIGN AND INSTALLATION, ELECTRICAL INSTALLATION MAINTENANCE, REPAIR, INSTALLATION AND ELECTRICAL INSTALLATION SERVICES.

Certificate No : GRS-7701
Date of Issue : 10/08/2018
Expiration date : 10/08/2019

QUALITY MANAGEMENT

ASCB

Genel Müdür

This document is valid as long as the company complies with the rules of certification GRS CERT
For more information about the period of validity of the document can be examined www.iso9001.com.tr
Bu Belge firmanın GRS CERT'in belgelendirme kurallarına uyduğu sürece geçerlidir.
Belgenin geçerlilik süresi hakkında daha fazla bilgi ve belge sorgulamak için www.iso9001.com.tr adresini inceleyebilirsiniz.

WWW.GUNESLIWATAN.COM
Atamyrat Nyýazow Şaýoly, 174-nji jaý, 7-nji gat, Aşgabat – TÜRKMENISTAN
Tel: +993 12212168, +993 12212169, +993 12212170
e-mail: info@gunesliwatan.com